**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**— Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän iri taslamalar, ulanmaga berilýän, gurluşygy alnyp barylýan desgalar milli ykdysadyýetimizi pugtalandyrmaga, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilendir.**

# NESIL

IL-HALKYŇ BIR IŞ TUTSA, SEN ONDAN GALYJY BOLMA!

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

№21 (5004), 2025-nji ÝYLYŇ 15-nji MARTY, ŞENBE




## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyndaky ÇYKYŞY

*(Ahal welaýatynyň Bäherden etraby, 2025-nji ýylyň 12-nji marty)*

***Hormatly dabara gatnaşyjylar!***
***Eziz watandaşlar!***

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň rowaçlyklara beslenýän günlerinde Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda bina edilen Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyna gatnaşýarys.

***Hormatly adamlar!***
***Hormatly dabara gatnaşyjylar!***

Men siziň ähliňizi bu döwrebap kärhananyň işe girizilmegi bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

***Hormatly adamlar!***

Berkarar Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna, halkymyzyň hal-ýagdaýynyň has-da gowulanmagyna gönükdirilen tutumly işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň», şeýle hem ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň esasynda milli ykdysadyýetimiziň ulgamlaryny, şol sanda senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýär. Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde medeni-durmuş maksatly döwrebap binalar, kuwwatly senagat kärhanalary, täze obalar, şäherler gurulýar. Türkmenistanda ilkinji «akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy üstünlikli dowam etdirilýär.

Garaşsyz Diýarymyzda amala aşyrylýan bu ägirt uly gurluşyklar mähriban halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Gurlup ulanmaga berilýän binalardyr desgalar milli ykdysadyýetimizi yzygiderli ösdürmäge, ýurdumyzy senagatlaşdyrmaga, sebitleri sazlaşykly ösdürmäge ýardam edýär.

Senagat we gurluşyk önümçiligi pudagy Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşine uly itergi berýär. Ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyklary we ilatymyzy ýokary hilli gurluşyk önümleri bilen üpjün edýär. Biz mundan beýläk hem kabul eden maksatnamalarymyza laýyklykda, senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny ösdürmegi dowam etdireris.

***Hormatly adamlar!***

Häzirki wagtda gurluşyk we senagat toplumynda uly işleriň amala aşyrylýandygyny aýratyn bellemek isleýärin. Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde, Kaka etrabynyň Gowşut geňeşliginde täze, döwrebap obalaryň gurluşyklary güýçli depginde alnyp barylýar. Şu ýyl Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda bir gije-gündizde 100 tonna çüýşe önümlerini öndürýän goşmaça desga hem ulanmaga berler.

Kabul edilen döwlet maksatnamalaryna laýyklykda, Senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny sazlaşykly ösdürmäge, kärhanalarda öndürilýän gurluşyk önümleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmäge, döwletimiziň gurluşyk senagatyny ösdürmäge gönükdirilýän maýa goýum serişdelerini netijeli özleşdirmäge, kärhanalaryň önümçilik kuwwatyny artdyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Ýerli çig mal serişdelerinden peýdalanmak bilen, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän, içerki hem-de daşarky bazarlarda uly islegden peýdalanýan önümleri öndürýän, innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan täze senagat kärhanalary yzygiderli gurulýar.

***Hormatly adamlar!***
***Hormatly dabara gatnaşyjylar!***

Ine, şu gün dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berilýän Bäherden keramiki önümler kärhanasy hem aýdanlarymyza aýdyň şaýatlyk edýär. Döwrebap kärhananyň gurluşygy Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň buýurmasy esasynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan «Eziz doganlar» hususy kärhanasy tarapyndan amala aşyryldy.

Täze kärhana ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyklary we ilatymyzy ýokary hilli gurluşyk önümleri bilen bökdençsiz üpjün eder. Kuwwatlylygy bir ýylda 3 million 300 müň inedördül metr keramiki-bezeg plitalaryny we 120 müň sany sanfaýans önümini öndürmäge niýetlenen kärhanada dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň kämil enjamlary ornaşdyryldy. Bu bolsa önümçiligiň ýokary derejede alnyp barylmagyna, täze innowasion tehnologiýalar esasynda dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän ýokary hilli önümleri öndürmäge mümkinçilik berer. Kärhana birnäçe binadan we desgadan ybarat bolup, bu ýerde 460-a golaý işgäriň zähmet çekmegi üçin ähli önümçilik, durmuş şertleri döredilen.

Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň senagatçylarynyň geljekde hem ýurdumyzy ösen döwlete öwürmekde tutanýerli zähmet çekjekdiklerine, döwletimiziň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga mynasyp goşant goşjakdyklaryna berk ynanýaryn.

***Hormatly adamlar!***
***Hormatly dabara gatnaşyjylar!***

Sizi hem-de senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynyň ähli işgärlerini, şeýle-de Ahal welaýatynyň ilatyny bu möhüm desganyň işe girizilmegi bilen ýene bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Siziň ähliňize berk jan saglyk, asuda we bagtyýar durmuş, alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin.

# GURÝAN DÖWLET GURPLUDYR

## 12-nji martda hormatly Prezidentimiz Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda täze desganyň — Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy

*Aýdylyşy ýaly, gurmak gurplulykdan nyşan. Şu jähetden alnanda, ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumyny innowasion taýdan diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek boýunça Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan giň gerimli işleriň häzirki döwürde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi diýseň guwandyryjydyr. Şunda öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we olaryň görnüşlerini artdyrmaga, gurluşyk senagatynyň önümçilik, ylmy-tehniki binýadyny pugtalandyrmaga, täze gurluşyk we senagat kärhanalaryny gurup, ulanmaga bermäge aýratyn ähmiýet berilýär. Hususan-da, Türkmenistany senagatlaşdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça döwlet strategiýasynda içerki bazary ýerli çig malyň esasynda öndürilýän gurluşyk serişdeleri bilen üpjün etmek meselesine uly üns berilýär. Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň giňden dabaralandyrylýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 12-nji martynda ýurdumyzda bolup geçen şanly waka — döwlet Baştutanymyzyň hut özüniň gatnaşmagynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň dabaraly ýagdaýda açylmagy muny nobatdaky gezek tassyklaýar.*

■ 2

**„Ýurdumyzda keramiki önümleri öndürýän ilkinji zawod bolan Bäherden keramiki önümler kärhanasy dünýäde hem bu ugurda iň iri we döwrebap kärhanalaryň biri bolmak bilen, 460-a golaý raýaty iş bilen üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Ýokary robotlaşdyrylan tehnologiýalar, şeýle-de dünýäniň iň iri önüm öndürijileriniň kämil enjamlary bilen üpjün edilen, kuwwatlylygy bir ýylda 3 million 300 müň inedördül metr keramiki-bezeg plitalaryny we 120 müň sany sanfaýans önümini öndürmäge niýetlenen kärhana halkara güwänamalaryň 2-sine mynasyp boldy. Olar Italiýa Respublikasynyň «SACMI Imola Societa Cooperativa» we «Associazione Costruttori Italiani Macchine Attrezzature per Ceramica» kompaniýalarynyň şahadatnamalary bolup, degişlilikde, täze kärhananyň ýokary tehnologiýaly enjamlar bilen enjamlaşdyrylan hem-de arassa we daşky gurşawa zyýan ýetirmeýän desgadygyny tassyklaýar.“**






# 2025-nji ÝYL: HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY

## GURÝAN DÖWLET GURPLUDYR

### 12-nji martda hormatly Prezidentimiz Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda täze desganyň — Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy




(Başlangyjy 1-nji sahypada).

#### Ýatda galyjy pursatlara beslendi

Ilkinji nobatda, senagatlaşmak derejesiniň ýokarlanmagynyň, onda häzirki zaman innowasiýalaryna giň orun berilmeginiň ýurduň dünýäniň ykdysady hojalygyna goşulyşmak mümkinçiligini artdyrýandygyny bellemek gerek. Şoňa görä-de, möhüm ähmiýete eýe bolan iri senagat desgasynyň açylyş dabarasyna ýurdumyzyň ýolbaşçy düzümi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we jemgyýetçilik wekilleri gatnaşdylar. Hormatly Prezidentimiziň çuňňur mazmunly çykyş edip, dabara gatnaşyjylary döwrebap kärhananyň işe girizilmegi bilen tüýs ýürekden gutlamagy, toý bagyny kesip, desganyň çäginde gurlan sergi binasyna baryp görmegi, ýörite düwmä basyp, iri senagat desgasyny işe girizmegi, önümçilik işiniň alnyp barlyşy bilen tanyşmagy, şeýle-de Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň ýolbaşçysyna täze awtoulaglaryň we ýörite tehnikalaryň açarlaryny gowşurmagy taryhy wakanyň ähmiýetini artdyrdy. Döwlet Baştutanymyza senagat we gurluşyk toplumynyň ähli işgärleriniň adyndan ajaýyp türkmen halysynyň sowgat berilmegi ýatda galyjy pursatlara beslendi.

#### Halkara güwänamalara mynasyp boldy

Ýurdumyzda keramiki önümleri öndürýän ilkinji zawod bolan täze senagat desgasy dünýäde hem bu ugurda iň iri we döwrebap kärhanalaryň biri bolmak bilen, halkara güwänamalaryň 2-sine mynasyp boldy. Olaryň ilkinjisi Italiýa Respublikasynyň «SACMI Imola Societa Cooperativa» kompaniýasynyň Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň ýokary tehnologiýaly enjamlar bilen enjamlaşdyrylan desga bolup, ähli inženerçilik işleriniň we kärhananyň önümçiliginde ornaşdyrylan enjamlaryň Ýewropada hereket edýän, halkara derejede kabul edilen standartlara doly laýyk gelýändigini tassyklaýan şahadatnamasydyr. Ikinjisi bolsa Italiýa Respublikasynyň «Associazione Costruttori Italiani Macchine Attrezzature per Ceramica» kompaniýasynyň Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň ekologik taýdan arassa we daşky gurşawa zyýan ýetirmeýän desga bolup, kärhananyň önümçiliginde ornaşdyrylan tehnologik enjamlaryň hil, daşky gurşaw, saglyk we howpsuzlyk taýdan halkara güwänamalaryň kadalaryna doly laýyk gelýändigini tassyklaýan şahadatnamasydyr.

#### Amallar awtomatik usulda ýerine ýetirilýär

Bäherden keramiki önümler kärhanasy birnäçe binadyr desgadan ybarat bolup, geliň, bu ýerde işleriň alnyp barlyşy bilen tanşalyň! Täze önümçilik desgasynda Italiýanyň «SACMI» kompaniýasynyň iň öňdebaryjy enjamlary ornaşdyrylyp, önümçilik amallary awtomatik usulda amala aşyrylýar. Bu ýerde keramiki önümleriň dürli görnüşleri taýýarlanylyp, barlaghanada olaryň fiziki we himiki düzümi, şol sanda agramy, çyglylygy, suw siňdirijiligi, berkligi, syrçalama barlaglary «SACMI» kompaniýasynyň ýokary tehnologik enjamlary arkaly ýerine ýetirilýär. Şeýle hem önüme goşulýan goşundylaryň mukdary kesgitlenilýär.

#### Bezeg plitalarynyň önümçiligi: ilkinji basgançak

Täze kärhananyň keramiki-bezeg plitalaryny öndürýän önümhanasy we bu ýerdäki önümçiligiň tehnologik prosesi barada aýdylanda, keramiki bezeg plitalarynyň önümçiligi çig malyň ýörite kabul ediji bölümlere gelip gowuşmagyndan başlanýar. Bu ýerde çig mal owradyjy enjamda 50 millimetr ululykda owradylýar, şeýle hem öndüriljek önümiň tehniki talabyna laýyklykda, onuň düzümi dozatorlaryň kömegi bilen sazlanylýar. Soňra alnan garyndy has-da maýdalanylmagy we düzümine suw garylmagy üçin «boll mill» tehnologiýasy bilen işleýän degirmene gelip düşýär. Bu degirmende tozan görnüşindäki çig mal suw bilen garylyp, şliker ýagdaýyna getirilýär hem-de alyşmagy üçin ýörite ýerasty howuzlara geçirilýär. Ýerasty howuzlardan garyndy (şliker) atomizator enjamyna geçirilýär we gyzgynlyk bilen düzümindäki çyglylyk aýrylyp, gury tozan ýagdaýyna getirilip, ýörite konweýerler arkaly 16 sany ätiýaçlyk ammaryna ýygnalýar hem-de üznüksiz ýagdaýda önümçilik tapgyryna ugradylýar.

**SANLAR WE MAGLUMATLAR:**

- **Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň gurluşygy Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň buýurmasy esasynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan «Eziz doganlar» hususy kärhanasy tarapyndan amala aşyryldy.**
- **Robotlaşdyrylan hem-de awtomatlaşdyrylan innowasion tehnologiýalar, dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň enjamlary bilen üpjün edilen kärhana 30 gektar meýdanda ýerleşýär.**
- **Täze kärhananyň kuwwatlylygy bir ýylda 3 million 300 müň inedördül metr keramiki-bezeg plitalaryny we 120 müň sany sanfaýans önümini öndürmäge niýetlenendir.**
- **Kärhana birnäçe binadyr desgadan ybarat bolup, bu ýerde 460-a golaý işgäriň zähmet çekmegi üçin ähli önümçilik, durmuş şertleri döredilendir.**
- **Şeýlelikde, täze kärhana ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyklary we ilatymyzy ýokary hilli gurluşyk önümleri bilen bökdençsiz üpjün eder.**

#### Ikinji basgançak: presleme we guratma

Önümçiligiň ikinji basgançagynda taýyn garyndy ýörite konweýerler arkaly presleme bölümine geçirilýär. Konweýerler arkaly gelen garyndy presiň galybyna deň derejeli paýlaýan bölüme birigýär. Pres galyplary dolandan soňra, ýokary basyşly gidrawlik pres bilen her inedördül santimetre 340-dan 500 kilograma çenli agyrlyk bilen basylýar. Soňra plitalaryň düzüminden çygy aýyrmak üçin önümler 5 gatly gorizontal guradyjy enjama geçirilýär.

#### Üçünji basgançak: syrçalama we bişirme

Guradyjydan çykan plitalar syrçalama tapgyryna geçirilýär. Bu bölümde plitalaryň ýüzüne yzygiderlilikde angob sepilip, syrça çaýylýar. Munuň özi önümleriň berk hem suwa çydamly bolmagyny üpjün edýär. Soňra plitalar printer arkaly bildirilen talaba we islege laýyklykda bezelýär. Bu amallardan soňra plitalaryň berkligini uzak wagtlap saklamagy üçin olaryň ýüzi gaýtadan syrçalanylyp, guradyjy peçde 1 müň 230°C derejede bişirilýär.

#### Dördünji basgançak: rektifikasiýa we ýalpyldatma

Peçden çykan önümler ýalpyldatmak üçin awtomatik usulda rektifikasiýa tapgyryna geçýär. Bu tapgyrda plitalaryň gyrasy kesilip, ýylmanýar hem-de birmeňzeş ölçege getirilýär. Rektifikasiýadan çykan ähli önümler awtomatik usulda işleýän robot daşaýjylar bilen desganyň içindäki wagtlaýyn saklama bölümlerine toplanylýar. Bu bölümlerdäki önümler robot daşaýjylar bilen ýalpyldatma bölümine geçirilýär. Ýalpyldatma tapgyrynda plitalaryň üstündäki önümçilik tozanlarydyr gyryndylar aýrylýar.

#### Bäşinji basgançak: täsin sungat eseri

Estetiki amallar tamamlanandan soňra, önümler gaplama bölümine ugradylýar. Önümiň hilini kepillendirmek üçin taýyn önümler sanly tehnologiýalar bilen doly barlagdan geçirilýär. Önümiň hili ýörite hünärmen tarapyndan tassyklanylýar. Her bir plita baradaky maglumatlar tertiplenilip, soňra plitalar gutulara gaplanýar. Gutularda hem önümiň hili, kalibr, şekil aýratynlyklary bilen bagly maglumatlar bellenilýär. Önümçilik desgasynyň ähli bölümlerinde robotlaşdyrylan daşaýjylaryň, awtomatik konweýerleriň ulanylmagy bu desganyň iň täze «Senagat 4.0» çemeleşmesi esasynda gurlandygyna şaýatlyk edýär. Munuň özi önümçilige maglumat, emeli aň tehnologiýalarynyň giňden ornaşdyrylandygyny, önümçilik amallarynyň awtomatlaşdyrylandygyny aňladýar.

#### Ýerli çig maldan ýokary hilli önümler

Sanfaýans önümleri önümhanasynyň işi bilen hem gysgaça tanyş bolalyň! Sanfaýans önümleri ak toýun, kaolin, feldşpat, kwars çig mallaryndan öndürilýär. Ýapyk ammara ýygnalan çig mal ýörite bölümlere kabul edilýär. Soňra çig mal konweýerler arkaly degirmene geçirilýär. Degirmende garylyp, üwelip, şliker ýagdaýyna getirilen çig mal, yzygiderlilikde ýerasty howuzlara ugradylýar. Taýýar bolan şliker turbageçirijiler arkaly adaty we mehaniki guýma enjamlaryna iberilýär. Adaty guýma enjamlarynda gips galyplar ulanylýar. Gips galyplara basyş arkaly şliker doldurylandan soňra, sanfaýans önüminiň şekili emele getirilýär. Bu önümler degişli amallardan geçirilip, ýörite bölüme daşalýar. Sanfaýans önümleriniň önümçiliginde adaty guýma bilen bir hatarda, mehaniki guýma enjamy hem göz öňünde tutulandyr. Mehaniki enjamda şliker önümçilik galyplaryna uly basyş bilen berilýär. Bu usul has uly mukdarda öndürilýän önümleri şekile getirmek üçin niýetlenendir.

#### Sanfaýans önümleri — gözelligiň öwüşgini

Sanfaýans önüminiň şekilini alan serişdeler guradyjy enjamlarda awtomatik usulda guradylýar. Guradyjydan çykan önümlere hünärmenler tarapyndan arassaçylyk işleri we barlaglar geçirilýär. Barlagdan geçirilen önümler syrçalamaga taýýarlanylýar. Taýýar önümler estetik owadanlygyny, suwa çydamlylygyny, gigiýeniki häsiýetlerini ýokarlandyrmak üçin syrçalanmaga başlanýar. Syrçalama her önümiň görnüşine görä amala aşyrylýar. Syrçalanan önümler ýörite meýdanda peç arabalaryna düzülýär. Dolan arabalar peje ýerleşdirilenden soňra, 1 müň 200°C derejä çenli gyzdyrylýar. Bu peç syrçany taplap, önümi guradýar. Taýýar önümleriň peçde dogry şertlerde saklanmagy önümleriň owadanlygyny we daşky täsirlere çydamly bolmagyny üpjün edýär. Peçden çykan önümler hil barlagyndan geçirilip, bildirilýän talaplara görä gaplanylýar.

#### Ykdysady kuwwatymyzyň aýdyň nyşany

Görnüşi ýaly, dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň enjamlary bilen üpjün edilen Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň ulanmaga berilmegi ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan gurluşyklary türkmen topragynyň baý çig mal binýadynda ýokary hilli gurluşyk serişdeleri bilen yzygiderli üpjün etmek boýunça öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli çözülýändigine şaýatlyk edýär. Şeýle hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna aýratyn şan berýän bu taryhy waka «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň», ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň işjeň durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky aýdyň beýanydyr.

NESIL






## ARKADAG ŞÄHERI — ekologik taýdan arassa şäher

*Mälim bolşy ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň yhlasyndan binýat bolan Arkadag şäheri binagärlik çözgüdi, ekologik derejesi boýunça halkara giňişlikde ykrar edilýär. Şu jähetden, 13-nji martda sebitde deňi-taýy bolmadyk täze şäherde Hytaý Halk Respublikasynyň Hançžou Dýanszi uniwersitetiniň Arkadag şäheriniň ekologik taýdan arassalygyny alamatlandyrýan Üstünlik güwänamasynyň gowşurylmagy mynasybetli dabara geçirildi.*




Dabara şäheriň ýolbaşçy düzüminiň wekilleri, Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, hormatly ýaşulular, köp sanly ýaşlar gatnaşdylar. Hususan-da, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň baş binasynyň eýwanynda sergi ýaýbaňlandyryldy.

HHR-iň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisiniň belleýşi ýaly, Hytaýyň Hançžou şäheri innowasion senagaty ösdürmekde, häzirki zaman sanly ulgamyň, emeli aňyň mümkinçiliklerini işjeň özleşdirmekde öňdebaryjylaryň biri hasaplanýar. Bu şäheriň Dýanszi uniwersiteti dünýäniň dürli ýurtlary bilen tehnologiýalar boýunça netijeli hyzmatdaşlygy ösdürip, halkara giňişlikde bina edilýän şäherleriň derejesine baha bermek bilen meşgullanýar. Şu jähetden, diplomat Arkadag şäherine Hançžou Dýanszi uniwersitetiniň Üstünlik güwänamasyny gowşurmagyň özi üçin uly hormatdygyny aýdyp, Arkadag şäheriniň ýolbaşçylaryny we ähli ilatyny «akylly» şäheriň ekologik taýdan arassalygy bilen tapawutlanýandygy hakyndaky bu ykrarnama bilen gutlady.

Dabaranyň dowamynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Arkadag şäheriniň dolandyryş çägine üýtgetmeler girizmek hakynda degişli karary kabul edendigi barada aýdyldy. Resminama bilen, Aşgabat şäheriniň 65 ga ýerini Arkadag şäheriniň dolandyryş çägine geçirmek baradaky çözgüt kabul edildi. Şeýle hem Arkadag şäherinde ulanylýan innowasion tehnologiýalara hem-de sanly ulgam üpjünçiligine bagyşlanan wideoşekiller görkezildi. Onda şäheriň ýol-ulag düzümine degişli desgalarda, medeni-durmuş maksatly binalarda ornaşdyrylan tehnologiýalaryň netijeleri beýan edildi. Dabaranyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyzyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.

Umuman, amatly ýaşaýyş üçin ýokary derejeli şertleri özünde jemleýän, milli binagärlik bilen häzirki zamanyň ösen tejribesiniň utgaşdyrylmagynda bina edilen Arkadag şäherine dürli ugurlar boýunça halkara güwänamalaryň, degişli diplomlaryň we şahadatnamalaryň, şol sanda Hançžou Dýanszi uniwersitetiniň Üstünlik güwänamasynyň gowşurylmagy ýurdumyzda binagärlik ýörelgeleriniň hem-de ekologik derejäniň ösüşiň täze belentliklerine çykandygyny subut edýär.

NESIL

DÖWÜR WE ÝAŞLAR

## ÝURDUMYZYŇ KUWWATLY GÜÝJI

*Ynsan ömrüniň baharyna deňelýän ýaşlyk aýratyn güýje, hyjuw-yhlasa eýe. Ýurdumyzda ýaşlaryň köpugurly mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge gönükdirilen döwrebap çäreler özüniň oňyn netijelerini berýär. Ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly öňe barýan Garaşsyz, baky Bitarap Diýarymyzyň gülläp-ösmeginde ýaşlara aýratyn orun degişlidir. Çünki her bir ýurduň ösüşi diňe bir onuň ykdysady we tebigy mümkinçilikleri bilen bahalandyrylman, eýsem, şol döwletiň ýaşlarynyň dürli ugurlarda alyp barýan işleriniň, gazanýan üstünlikleriniň gerimi bilen hem häsiýetlendirilýär.*

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly gymmatly eserinde: «Biz geljegimizi ýaşlarymyz bilen bilelikde gurýarys! Şeýle ýaşlary bolan halk beýik halkdyr! Şeýle halky bolan döwlet beýik döwletdir!» diýip, ata Watanymyzda ýaş nesilleriň aýratyn ornunyň bardygyny nygtaýar. Häzirki ösen tehnologiýalar zamanynda döwletiň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna ýaşlaryň işjeň gatnaşmaklary möhüm meseleleriň biri bolup durýar. Ylym-bilimli, sagdyn, giň dünýägaraýyşly ýaşlaryň maksada okgunlylyk bilen jemgyýetçilik işlerine işjeň gatnaşmaklaryny gazanmak — ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmegiň möhüm çelgisidir.

Garaşsyz Watanymyzyň ähli ulgamlarynda alnyp barylýan döwrebap özgertmeler ýaşlar barada döwlet syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmekde möhüm ähmiýete eýedir. «Ýaşlaryň şäheri» diýlip atlandyrylýan ajaýyp Arkadag şäheriniň mysalynda hem Gahryman Arkadagymyzyň hem-de döwlet Baştutanymyzyň ýaş nesillere aýratyn uly üns berýändigini görmek bolýar. Bu ýerde ilatyň rahat we döwrebap durmuşda ýaşamagy, ylaýta-da ýaşlaryň ylym-bilim almagy, ussat hünärmenler bolup ýetişmegi üçin ähli mümkinçilikler döredilendir. Çünki hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, ýaşlar döwletimiziň kuwwatly güýjüdir, halkymyzyň belent maksatlara ýugrulan nurana geljegidir.

Berk bedenli, zehinli türkmen ýaşlary ýurdumyzda we daşary ýurt döwletlerinde dürli ugurlar boýunça geçirilýän halkara sport ýaryşlarynda, ylmy bäsleşiklerde baýrakly orunlara mynasyp bolup, ata Watanymyzyň abraý-mertebesini has-da belende göterýärler. Şeýle hem innowasion tehnologiýalary, sanly ulgamy ýurdumyzyň dürli pudaklaryna ornaşdyrmak hem-de kämilleşdirmek babatda hem türkmen ýaşlarynyň mynasyp paýynyň bardygyny bellemek gerek. Döwrüň talaby bolan täze tehnologiýalara ussatlyk bilen erk etmek döwrebap özgertmeleri belent depginde durmuşa geçirmäge uly mümkinçilik berýär. Bu bolsa il-halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün edip, röwşen geljegimiziň täze ösüşlerinden habar berýär.

Giň dünýägaraýyşly, ukyp-başarnykly, watansöýüji ýaşlary kemala getirmekde uly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli alyp barýan tutumly işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris.

**Amangeldi GANDYMOW,**
**Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň başlygynyň orunbasary.**

# TÜRKMENIŇ DÖWLETLI ÝOLY AK GELJEGE DOWAM BOLSUN!

ÝAŞLAR WE TÜRKMENÇILIK ÝÖRELGELERI




*«Ýüregiň bitakat bolsa, sadaka ber, ýagşylyk et!*
*Dert basmarlaýan bolsa, sadaka ber, ýagşylyk et!*
*Işiň ugrukmaýan bolsa, sadaka ber, ýagşylyk et!*
*Zehiniň açylmaýan bolsa, sadaka ber, ýagşylyk et!*
*Dilegiň kabul bolmaýan bolsa, sadaka ber, ýagşylyk et!»*

*Türkmen halkynyň Milli Lideri,*
*Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy*
*Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň*
*«Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabyndan.*

## SADAKA BER, ÝAGŞYLYK ET!

***Ynsany ynsan edýän iň möhüm gymmatlyklaryň biri-de beýleki adamlaryň ýagdaýyna düşünmegidir. Bu barada gowy sözleriň birinde şeýle diýilýär: «Agyry, yza duýýan bolsaň, sen dirisiň! Özgäniň agyrysyny, yzasyny duýýan bolsaň, sen ynsansyň!». Aslynda, ynsanlyk her bir adamyň özünden özgeler babatda hem borjunyň bardygyny duýmagydyr. Muny Muhammet pygamberiň doganyňa düşünmek, özüňi doganyň ýerinde goýmak, özüň üçin isläniňi doganyň üçin hem isläp bilmek görnüşinde düşündirendigini köpimiz bilýän bolsak gerek. Hormatly Arkadagymyz hem «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda: «Ata-babalarymyzyň il bilen bolmak, birek-birege kömek etmek, dertli gününde derdini, begenen gününde şatlygyny paýlaşmak ýörelgeleri halkymyzyň baý durmuş tejribesinden, nusga alarlyk medeniýetinden habar berýär» diýip belleýär. Mundan başga-da, bu kitapda gadymy eserlerden mysal getirilýän şeýle sözlere hem gabat gelinýär: «Ýarawsyzlyk, ejizlik hassamätäçler üçin däl-de, eýsem, olaryň töwereginde gezip ýören sagdyn adamlar üçin has uly synagdyr. Beýlekileriň ykbalyna duýgudaş bolmak ýa-da bolmazlyk adamkärçilik mertebesini kesgitleýän guraldyr».***

***Bu ýerdäki «adamkärçilik mertebesini kesgitleýän gural» diýlen söz öňümizde çuňňur durmuş hakykatyny açýar. Çünki adamyň hakyky ölçegi onuň başgalara haýyr-sahawat edip-etmeýänligi bilen kesgitlenýär. «Meniň ýüregim arassa» diýip, özüni ýagşy hasaplaýan ýa-da gazanjyny diňe özi üçin gazanýan adam daşyndan özüni hernäçe adamkärçilikli, tagatybadatly kişi hökmünde görkezse-de, eger töweregindäki ýetim-ýesirlere eýe çykmaýan, kyn güne düşen adamlara elinden gelen kömek-ýardamy etmeýän bolsa ýa-da şeýle ýardamy edäýse-de, il gözi üçin edýän bolsa, diýmek, onuň ölçegi «ýüpüniň üstünde odun goýup bolmaýan» derejededir. Beýle adamlaryň «otlusy uzaga gitmeýär», iru-giç ynamdan gaçýar.***

***Oňa derek beýleki adamlaryň öňündäki jogapkärçilik duýgusy bilen ýaşaýan kişini Hakam goldaýar, halkam. Eýsem, bu jogapkärçilik nähili ýagdaýda ýerine ýetirilýär? Elbetde, zekat we sadaka bermek bilen!***

***Zekat — gazanan emlägiň belli bir bölegini kesgitli bir topardaky adamlara Hakyň razylygy üçin bagyş etmekden ybarat bolan parzdyr. Zekat — arassalanmak diýmekdir. Ýagny zekat emlägiň arassalanmagyny üpjün edýär. Şol haky eýelerine bermek bilen, emlägimiz arassalanýar. Zekaty berilmedik emläk bolsa eýesi üçin arassa däldir. Şu nukdaýnazardan, zekat berilýän zat, aslynda, emlägimiziň bize degişli bolmadyk bölegidir.***

***Zekatdan tapawutlylykda, sadaka zekaty berlip arassalanan emlägimizden bagyş edýän ähli haýyr-sahawat işlerimizdir. Sadaka — sadakatlyk, wepalylyk diýmek bolup, ol Haktagalanyň öňündäki borjumyzy hereketimiz bilen subut etmegimizi aňladýar. Biz bu baradaky pikirlerimizi Milli Liderimiziň «Ömrümiň manysy» we «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitaplaryna salgylanyp, paýlaşmak isleýäris.***

**Sadaka bermek sünnetmi?** Sadaka bermek sünnetdir. Ýöne «sünnet» diýlende, käbirimizde «Etseň sogap, etmeseňem zyýany ýok» diýen ýalňyş düşünjäniň bardygyny hem aýtmalydyrys. Sünnet, aslynda, Beýik Perwerdigäriň buýruklaryny pygamberimiziň birkemsiz ýerine ýetirmesidir. Çünki sadaka parzdyr, parzy berjaý etmek bolsa sünnetdir. Şonuň üçin hem sadaka bermek durmuşymyzyň aýrylmaz bölegi bolmalydyr. Milli Liderimiz muny: «Gözüň ýetip duran ýerine haýyr-yhsanda bolmak, ýagşylyk etmek derwaýys» diýip düşündirýär.

**Sadaka diňe maddy ýardamdan ybaratmy?** Sadaka giň manyly düşünje bolup, ol diňe emläk bilen çäklenmeýär. Mätäç adama zerur zatlaryny bermek hem sadakadyr. Aç adamy doýurmagyň sadaka bolşy ýaly, sowatsyz adama bilim bermek, ýol sorana ýol görkezmek, ýetimiň başyny sypamak, ýolda ýatan daşy aýyrmak, aç-suwsuz haýwana suw bermek, bir garybyň göwnüni tapmak hem sadakadyr. Sözüň gysgasy, her ýagşylyk bir sadakadyr.

Bir hadysda: «Adam aradan çykansoň, onuň amal depderi ýapylýar. Ýöne üç zat onuň üçin sogap getirmegi dowam etdirer: sadakaýy järiýe, peýdaly bilim we oňa doga edýän ýagşy perzent». Bu ýerdäki «sadakaýy järiýe» diýen söz «dowamly sadaka», ýagny adam aradan çykansoň hem sogaby dowam etjek haýyrly işleri aňladýar. Olara metjit, mekdep, hassahana gurmak, guýy gazmak, peýdaly kitap ýazmak, bag ekmek... ýaly işler girýär.

**Haýsy zat sadaka berilmeli?** Gynansagam, sadaka bermek diýlende, käbir adamlaryň kellesine jübüsindäki ownuk pullardan halas bolmak düşünjesi gelýär. Ýagny eger jübüsinde ownuk teňňe ýa-da ownuk kagyz pul bar bolsa, olary bermek bilen, özüni sadaka beren hasaplaýar we özünden göwnühoş bolýar.

Özüňden artan serişdeleriňi haýyr-sahawat üçin bagyş etmek hem, elbetde, sogaply iş, ýöne özüň üçin zerur bolan, eý görýän zadyňy, hatda özüň hem şol zada mätäçdigiňe garamazdan, sadaka bermek sogaplaryň iň haýyrlysydyr.

**Nähili möçberde sadaka berilmeli?** Özüňe gerek bolan, eý görýän zadyňdan sadaka bermek, elbetde, aňsat däl. Ähli gazananyny diňe özüne siňdireýin diýse, adamyň zerurlyklary hiç haçan gutarmaýar. Jaý saljak, ulag edinjek, artsa, ýene aljak...

Öz arzuwyndaky jaýyndan, ulagyndan, eşiginden we beýleki bir isleginden geçip, olara derek has mätäç kişä gazanjyny bagyş edip bilýän, ilden saýlanmagy däl-de, olar bilen aýakdaş gitmegi başarýan adam Hakyň razylygyny gazanyp biler. Diýmek, sadakanyň möçberi janyňy gynajak, nebsiňi kösejek derejede bolmalydyr. Çünki sadaka maddy ýagdaý bilen däl-de, iman bilen baglydyr. Şonuň üçin hem azyndan az, köpünden köp möçberde sadaka berilmeli.

**Sadaka baýlygyňy egsermi?** Sadakada matematika tersine işleýär. Matematikada aýyrmak sanlary kiçeldýän bolsa, sadakada aýrylan zat köpelmek bilen bolýar. Sadaka, aslynda, ýitgi däldir. Hormatly Arkadagymyz ata-babalarymyzyň ürç edip okan «Bereket kitaby» atly eserinden şeýle sözleri getirýär: «Köp sadaka bermek, sahy-jomartlyk, mal-mülküňi, puluňy ýagşy zatlara harç etmek berekediň zyýada bolmagyna sebäp bolýar», «Ýagşy ýollara sarp eden her bir zadyňyzyň deregine Perwerdigär şondan gowusyny hem-de birnäçe essesini eçiler», «Sadaka rysgaly giňeldýär», «Haýyr-sahawat, sadaka ömrüňi we baýlygyňy zyýada edýär».

**Sadaka nähili berlende has haýyrly?** Häzirki döwürde halkymyzyň abadan we bolelin durmuşy bar. Şeýle bolansoň, toý-baýramçylyklar, dürli şanly seneler mynasybetli il-güni jemläp, sadaka bermek ýörgünli däbe öwrüldi. Bu däpler halkymyzyň agzybirligi, dogan-garyndaş gatnaşyklarynyň ysnyşykly bolmagy üçin hem örän ähmiýetlidir. Şunuň bilen birlikde, ýaşyryn sadakalar barada hem durup geçesimiz gelýär. Hormatly Arkadagymyz bu barada il içinde «Sadakanyň kabul bolmagy», «Sadakanyň ýerine düşmegi» ýaly düşünjeleriň bardygy, şonuň ýaly-da ýaşyryn sadakalaryň açyk-äşgär berilýän sadakalardan ýüz-müň esse haýyrly hasaplanylýandygy hakynda hem belleýär.

**Sadakanyň kabul bolmagy üçin näme etmeli?** Sadakanyň kabul bolmagynda onuň Biribaryň razylygy üçin berilmegi, il gözüne bolmazlygy esasy şertdir. Ondan başgada, sadaka berip, yzyndan minnet etmek sadakanyň sogabyny egisjek hereketdir. Şeýle hereket bilen kişiniň göwnüni ynjytsaň, bu sadakanyň näme ähmiýeti galar?! Minnet etmek beýle-de dursun, sadakaň üçin sagbolsuna ýa-da başga bir bähbide garaşyp ýörseň, Hakyň razylygyny gazanyp bolmaz.

Sözümiziň ahyrynda haýyr-sahawatda, şol sanda howandarlyga mätäç çagalary goldamakda Gahryman Arkadagymyzyň bahasyna ýetip bolmajak beýik işleri durmuşa geçirýändigini aýratyn nygtamak isleýäris. Bu görelde indi bütin halkymyz üçin asylly ýörelgä öwrüldi. Ýetime howandar bolýan, hossarsyza eýe çykýan ajaýyp ýurtda ýaşaýandygymyz üçin biziň her birimiz örän bagtly ynsanlardyrys.

**Aýnur AGALYÝEWA,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.**

ÝAŞLAR WE MILLILIK

## Gültahýa

***Halkymyzyň milli gymmatlyklarynyň biri bolan tahýalarymyz zenanlarymyzyň mähriniň, zähmetiniň we yhlasynyň önümidir. Tahýalarymyz taryhyň örän çuňluklaryndan gözbaş alyp, müňýyllyklaryň synagyndan geçip gelipdir. Tahýa — «takga» gadymy söz bolup, Gün diýmegi aňladypdyr. Siňe seretseň, gözelligi, biçilişi we ynsan başyna gelşik berşi bilen gök asmanda şöhle saçýan Güni ýatladyp duran tahýalarymyz görnüş taýdan hem dürli-dürlüdir.***



Tahýalarymyz başyna geýýän adamyň erkek kişidigine ýa-da gyz maşgaladygyna baglylykda, «akgaýma» we «gültahýa» diýlip atlandyrylýar. Akgaýmalar — erkek kişileriň başynyň ýaraşygydyr. Ony dürli ýaşdaky, dürli kärdäki adamlar buýsanç bilen geýýärler. Ondan tapawutlylykda, gültahýalar diňe gyz başynyň ýaraşygydyr. Gültahýany türkmen gözelleri durmuşa çykýançalar müň bir höwes, süýji arzuwlar bilen geýýärler. Ol gyz maşgalanyň ýaşyna görä, ululy-kiçili biçilip tikilýär. Ilimizde ýaňyja aýak biten gyzjagazlara hem naşyja gültahýalar tikilip geýdirilýär. Gültahýalary orta, orta hünär, ýokary okuw mekdeplerde okaýan, dürli kärlerde zähmet çekýän gyzlar buýsanç bilen geýýärler. Bu başgap geýlende, gyzlarymyzyň saçlaryny iki örüp öňüne goýbermekleri olary has hem gelşigine getirýär. Öňler ene-mamalarymyz ulugyzkalar saçlaryny dört örüp, tahýa geýipdirler.

Gültahýalaryň ýerligi keteniden we alaçadan taslanýar. Ilki bilen, niýetlenýän gyzyň kellesiniň ölçegine görä onuň etegi, soňra depesi biçilýär we içliklenýär. Taýýar bolanda tegelenip durar ýaly, her ýerinden dan alynýar. Soňra kök atylyp, mazaly berkidilýär. Gültahýalara arassa ýüpek pilesinden işilen sapaklar bilen nagyş çekýärler. Bu işe, esasanam, keşde görnüşinde çemeleşilýär. Şol sebäpli hem käbir ýerlerde gültahýalara «keşdeli tahýa» hem diýilýär. Olara «gülýaýdy», «erikgül», «gülçyra», «çigildem» ýaly dürli nagyşlar salynýar. Keşdeden soň tahýanyň etegi bilen depesi birikdirilýär. Keşdeleriň nepis görünmegi üçin birikdirilen ýerine, haýsam bolsa, owunjak nagyş salynýar. Şeýdip, uly höwes bilen tikilen gültahýalary gyzlar tä durmuşa çykýançalar geýýärler.

Toý güni gültahýalar nepis şaý-sepler bilen bezelýär. Depesine gupbadyr çekelik, etegine akdyrma berkidilýär. Gyzyň çykýan güni gupbanyň üstünden kürte atylýar. Toý gününiň ertesi halkymyzyň iň gyzykly we çekeleşikli toý däbi geçirilýär. Oňa «baş saldy» diýýärler. Zenan maşgalalar bilen gyzlar özara göreşip, bu däbi has şowhunly edýärler. Gelni eýelän zenan onuň başyndaky tahýasyny alyp, baldyzyna berýär. Bu zenan gaýynenäniň ýörite sowgadyna mynasyp bolýar. Bu gadymy däp gültahýalaryň diňe bir gyz başynyň ýaraşygy bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ahlak arassalygynyň we päkliginiň nyşanydygyny hem subut edýär. Gül meňizli gözellerimiziň buýsançly başynyň gelşigi bolan gültahýalar milli toý-baýramlarymyzyň hem bezegidir.

**Tagangül GAÝYROWA,**
**Lebap welaýatynyň Saýat etrabyndaky 41-nji orta mekdebiň mugallymy.**

JANKÖÝERIŇ ÝAZGYLARYNDAN

## Ýeňişlerden zyýada ýeňiş

*Biz iri habarlaryň, esasan hem, futbol habarlarynyň şol sekundyň özünde bütin dünýä ýaýraýan döwründe ýaşaýarys. Şonuň üçin hem AFK-nyň Çagyryş ligasynyň çärýek finalynyň çäginde 12-nji mart güni ýurdumyzda geçirilen «Arkadag» — «Ist Bengal» duşuşygynyň nähili hasap bilen tamamlanandygyndan hem, gollary kimiň geçirendiginden hem eýýäm habaryňyz bardyr. Hawa, häzirki zaman türkmen futbolynyň iň şöhratly topary ajaýyp ýeňişleriniň ýene birini gazanyp, taryhynda ilkinji gezek gatnaşýan halkara ýaryşynyň ýarym finalyna çykdy. Milli rekordlaryň birnäçesini täzeläp, tutuş dünýä derejesinde hem juda seýrek gabat gelýän, käbir babatda bolsa asla gabat gelmejek netijeleriň köp sanlysyny gazanan topar, şeýlelikde, Ýer ýüzi boýunça ilkinji gezek halkara ýaryşa gatnaşyp, onda-da ýarym finala çenli baryp ýeten iňňän az sanly toparlaryň biri bolmagy başardy.*

Halkara ýaryş diýýänimiz hem kiçi-girim ýaryş däl — yklym ýaryşy, AFK-nyň Çagyryş ligasy. Oňa Aziýa döwletleriniň iň saýlama toparlary gatnaşýar. Biziň toparymyz şolaryň arasyndan hem saýlanyp, eýýämden iň güýçli dört toparyň arasyndaky ornuny berkitdi.

Duşuşyk «Arkadag» toparynyň 2:1 hasabyndaky ýeňşi bilen tamamlandy. Bu ýeňiş ýeňil düşdümi? Ýok. Sebäbi «Ist Bengal» Hindistanyň üç gezek çempiony, milli we halkara derejedäki baýraklaryň ençemesiniň eýesi. Bir söz bilen aýdylanda, dostlukly döwletiň iň güýçli üç toparynyň biri. Ol ýerli çempionatlarda aňsat-aňsat öňüne topar geçirenok. Myhman topar hatda Arkadag şäherindäki duşuşygyň hem 1-nji minutynda öňe saýlanyp, biziň janköýerlerimizi biraz gynandyrdy. Ýöne iki ýyla golaý taryhynda beýle synaglaryň telimsinden geçen Arkadag topary duşuşygyň ahyrky minutlarynda ýagdaýy üýtgetmegi başardy.

Diňe bir şu toparyň däl, eýsem, tutuş türkmen futbolynyň yklym ýaryşlarynda iň köp gezek tapawutlanan oýunçysy Altymyrat Annadurdyýew 89-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs ýerine ýetirip, 90+8-nji minutda bolsa akgynly oýun pursadyndaky owadan urgy bilen duşuşykda iki gezek tapawutlandy. Şondan bir hepde ozal Hindistandaky duşuşyk hem 1:0 hasabynda türkmen toparynyň ýeňşi bilen tamamlanypdy. Iki duşuşygyň netijesinde 3:1 hasabynda öňe saýlanan «Arkadag» topary adyny ýarym finala ýazdyrmagy başardy. Toparyň ýarym finaldaky garşydaşy Kuweýtiň «Al-Arabi» topary bolar. Ýarym finalyň ilkinji duşuşygy 9-njy aprelde Kuweýtde, jogap duşuşygy bolsa 16-njy aprelde ýurdumyzda geçiriler. Şöhratly topara öňde duran duşuşyklarda hem üstünlik arzuw edýäris!

**Agageldi ITALMAZOW,**
**žurnalist.**

### «ARKADAG» FUTBOL TOPARY sanlarda we maglumatlarda:

- 12-nji martda «Arkadag» stadiony taryhyndaky ilkinji halkara derejeli duşuşygyny kabul etdi.
- Şol gün «Arkadag» futbol topary halkara ýaryşlardaky 5-nji, ähli ýaryşlardaky 77-nji resmi duşuşygyny geçirdi.
- Şol gün şöhratly topar resmi duşuşyklardaky 76-njy ýeňşini gazandy. Toparyň garşydaş derwezelere geçiren goly 309-a çykdy.
- Altymyrat Annadurdyýew toparyň düzüminde yklym ýaryşlaryndaky 3-nji, ähli resmi ýaryşlardaky 35-nji goluny geçirdi. Ol toparyň taryhynda resmi duşuşyklarda iň kän tapawutlanan futbolçylaryň arasynda üçünji orny eýeleýär.
- Bu duşuşykdaky gollardan soň Altymyrat Annadurdyýew yklym ýaryşlaryndaky gollarynyň sanyny 24-e çykardy. Ol AFK-nyň klublaýyn ýaryşlarynda iň köp gezek tapawutlanan türkmenistanly futbolçydyr.
- «Ist Bengal» «Arkadag» toparynyň resmi ýaryşlardaky 12-nji garşydaşy boldy.





# Duýgully DÜNÝÄ



«BERKARAR DÖWLETIŇ YLHAM JOŞGUNY» ATLY DÖREDIJILIK BÄSLEŞIGINE



AKMYRAT HOJANYÝAZ.

## Sen Güneşsiň...

Sen Güneşsiň,
Bu durmuşy binýat eden Hökümdarsyň.
Ähli ýere şuglaň düşer,
ähli ýerde Özüň barsyň.
Köňlüme Seň nuruň düşse,
güllär ömrüm, giňär dünýäm,
Ygtybarsyň, ygtyýarsyň,
her demime howandarsyň.

## Bu owazlar...

Bu owazlar, bu nurana owazlar
Oguz ataň paýhasyndan gaýdandyr.
Demi düşüp nije pirleň, serdarlaň,
Beg Göroglyň namasyndan gaýdandyr.

Habar düşüp älemleriň gatyndan,
Heserlenip dädem Gorkut hatyndan,
Hem şöhratly, hem haýhatly asyrlaň,
Kän heňňamlaň arasyndan gaýdandyr.

Bu topragyň her daban, her garşyndan
Iller-günler ömür çöpläp alsynlar!

Bürgüt guşlaň şaglap göge galşyndan,
Bilbilleriň nagmasyndan gaýdandyr.

Goç ýigidiň aty galyp çarpaýa,
Jylaw çeýnäp, owaz salar her taýa.
Sansyz dowar, ýene şonça ner-maýa...
Hakyň beren döwletinden gaýdandyr.

Ýow başyny serdarlary çekerler,
Häzir bolar goç ýigitler, nökerler.
Bu owazlar aşakdan hem ýokardan,
Ýagşy sözüň gaýmagyndan gaýdandyr.

Nalyşyndan ýowuz gelen döwürleň,
Arzuwyndan Aýdan ary göwünleň,
Bu owazlar aýdymydyr ömürleň,
Türkmen agaň dünýäsinden gaýdandyr.



## Her zaman...

Her zaman, her ýerlerde rahatlyk
istär köňül,
Külli jahan halkyna abatlyk istär köňül,
Goýman ömri lahatda, bermän
ýurdy apatga —
Göreşen jan-tenlere oňatlyk istär köňül.
Sowulmasyn döwranlar,
gülün açsyn zamanlar,
Özüne, özgelere giň şalyk istär köňül,
Gelene hem geljege köp şatlyk istär köňül.

* * *

Eý, ýerden suw içen lemmer bulutlar,
Suw berene suw bermäge gelen siz.
Ýagýarsyňyz ýagyşdyr gar boluplar,
Bag-bakja siz, gül-gunça siz, seleň siz.

Wysal arzuwynda ýaşaýarsyňyz,
Yhlasyňyz ýetirýändir wysala.
Yşk edip, topragy ogşaýarsyňyz,
Sebäp bolýarsyňyz ýagşy ykbala.

Şeýdip dolup-daşýar çeşmeler, çaýlar,
Şeýdip hyjuw joşýar önüp-ösmäge.
Siz bilen görşende ot-çöpler, baglar
Başyn belent tutup, galkýar asmana...

## Dana bolup dur

Täzelik agtardyň köne dünýäden,
Tapdyň, her tapanyň köne bolup dur.
Ýetersiň, gyssanma, sabyrsyz adam,
Her sepen tohumyň şine bolup dur.

Kim göge sereder, öňün garamaz,
Doň ýüregi ýyly söze eremez.
Käte käne ýaran aza ýaramaz,
Aza bolmadygy käne bolup dur.

Her ýerde aýlanar, oýnaklar, böker,
Ýalana şaýatdyr, ýamana — nöker,
Ýagşylyk etmeseň, ýylgyryp bakar,
Bir ýagşylyk etseň, kine bolup dur.

Nadanyň elinde nämedir almaz?
Göwher ber, altyn ber — ornuny bilmez.
Il-güne ýaran zat bir şoňa bolmaz,
Oňa bolmadygy ile bolup dur.

Utanç-haýasyzlar, jögi, haýýarlar
Kime guwanarlar, kimi söýerler?
«Akyl» diýeniňe «akmak» diýerler,
«Akmakdyr» diýeniň dana bolup dur.

Eziz ynsan, Alla berse myradyň,
Bir demde belende göterler adyň.
Bäş günlük pursatdyr, gaçmasyn badyň,
Her sözüň durmuşa gaýma bolup dur.



MÄHRIJEMAL NOWRUZOWA,
SEÝITNAZAR SEÝDI ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET MUGALLYMÇYLYK INSTITUTYNYŇ TALYBY.

## UMYT

**Heň bolduň, ikilenç hiňlenmek çetin,**
**Bägülmi sen her baharda açmaýan?**
**Oturyp gijeler günleň bir güni**
**Saňa sataşmagyň ýolun çaklaýan.**

**Gaçmaýar damjalar bulutdan üzlüp,**
**Didäm eňremeýär, ýürek iňleýär.**
**Bilýäňmi, henizem bar zatdan beter**
**Her gün düýşe girip ýörşüň geňleýän.**

**«Bolmajak bolsa-da, bolsady ekýän»,**
**Durun gapdalyňda başym öýmeli...**

**Öýkeli dünýäniň çaňlaryn kakýan,**
**Aýralygy çuňrak gazyp gömmeli.**

**Sönmedi umydym, sönmezek yşkym**
**Ýene sen hakynda aýdymyn düzýär.**
**Heňe dönüp galkdym, göklerde uçdum,**
**Ýeri, sen nämeden umydyň üzýäň?**

## ÝYLGYRAÝ!

**Meniň ähli arzuwlamda adyň bar,**
**Sen meniň ýaşaýşym, barlygym, bagtym.**
**Wagtal-wagtal sesiň eşdip durmasam,**
**Geçenok wagtam.**

**Ýyladyp gursagmy Günüň çoguna,**
**Goşgy ýazýan saýasynda agajyň.**
**Goşgukeş bolanym seň üçin ýalan,**
**Maňa çyn.**

**Ellerimde Ezizowyň «Serpaýy»,**
**Men — sözlerden melhem gözlän biçäre.**
**Gülçyraň yşygna ýazýan hem pozýan,**
**Gijara.**

**Imrinýärkäm goşga penjirämizden**
**Mylaýym ýylgyryp bakýar ýyldyz-Aý.**
**Arzuwlarma nakgaş kimin esedip,**
**Ýylgyraý!**



NURMUHAMMET HAŞYROW,
TÜRKMENISTANYŇ INŽENER-TEHNIKI WE ULAG KOMMUNIKASIÝALARY INSTITUTYNYŇ MUGALLYMY.

## DUÝMADYŇMY?

**Tüm gijäňe şugla saçýan**
**Şem bolanym duýmadyňmy?**
**Bagty çüwen geljek üçin**
**Çem bolanym duýmadyňmy?**

**Ömrüme ömrüň birikmäň,**
**Soň kalbyňdan pozup, itmäň,**
**Yşk ýolundan ýalňyz gitmäň**
**Geň bolanyn duýmadyňmy?**

**Ýele sowrup yşkyň baryn,**
**Hoş görkezip ýürek halyň,**
**Sensiz galyp meniň halym**
**Teň bolanyn duýmadyňmy?**

**Ahmyr bolup yzda galan,**
**Hakykat ýok, barsy ýalan,**
**Öýkeniňden erkin alnan**
**Dem bolanym duýmadyňmy?**

**Sowaşypdyr ýürek birçak,**
**Kim açar derdime gujak,**
**Söýgim üçin bir topbajyk**
**Gum bolanym duýmadyňmy?**

* * *

**Baýnan günüm ýatlamadym,**
**Saňa geldim ejiz günüm.**
**Beýtmäm bolanok aslynda,**
**Çekibem bilerdiň gümüm.**
**Gaharyňda gaýnadarsyň,**
**Pylçap-pylçap ýere ur, soň**
**Aýagymdan çilip meniň,**
**Ýene-de ýykarsyň, tursam.**
**Ajy güni ýaşadarsyň,**
**Süýji güne mätäç eýläp.**
**Siltärsiň ýakamdan tutup,**
**Sütem edip eýläk-beýläk.**
**Bagtymyň bolanjasyny**
**Gutararsyň tüýdüp-tüýdüp.**
**Janym çykýardy gijeler,**
**Sen meni şeýdersiň öýdüp.**
**Zulumyňa kän garaşdym,**
**Gorkdum!**
**Asy bolanym üçin.**
**Ýöne sen beýtmediň, kalplaň**
**Şasy bolanyň üçin!**

## KÖŞEŞEMOK MEN

**Baglar pyşyrdaşýar: «Bagtsyz» diýip,**
**Ýeller çawuş çakýar gulak çekgämde.**
**Bagyşla, kalbyma gussa çökensoň,**
**Suratyňy saklap ýörün çekmämde.**

**Pynhan günler hakydamy dolduryp,**
**Geçip gitdi ýanan ýigdiň filmi.**
**Tagt ýykan!**
**Bagt ýykan!**
**Ömrümi ýakan!**
**Senem men deý ne öli, ne dirimi?**

**Kalbymy aglatdy ykbal hüjümi,**
**Bigadyr eýledi iň soňky göçüm.**
**Özümi birsyhly dürsäp bilemok,**
**Köşeşenok hälem ahmyrly öjüm.**

## DUŞMAK ÄHTIMALLYGY

**Durmuşym dowzaha öwrüp,**
**Ötä gitdiň!**
**Öte gitdiň.**
**Amallarmy atanaklap,**
**Tankytladyň!**
**Kötek etdiň!**

**Ýüzüňe nädip bakaryn,**
**Günäsiz garagym bilen?!**
**Gelmegiň pälim üýtgetmez,**
**Üýtgemez baranym bilen.**

**Ýere sokduň,**
**Oňam teýne.**
**Ýazgaryp, söýmegim bilen.**
**Ýadymdan çyk!**
**Ýoldan çykma!**
**Halaýan köýnegim bilen.**

**Saňa planeta gurjak,**
**Dokuzdy,**
**On bolar ýaly.**
**Duşmak ähtimallygymyz**
**Nol bolar ýaly.**

## DÜNÝÄNIŇ AKYLDARY

**Paýhas äleminden berlen zyýapat,**
**Adyndan köňüller tapýandyr rahat,**
**Çeper söz bagyna edip syýahat,**
**«Magtymguly — dünýäniň akyldary».**

**Şahyrlaň, aryflaň belent sarpasy**
**Buýsançly ýatlanýar olaň barçasy.**
**Jemşidiň jamynyň pähim syrçasy —**
**«Magtymguly — dünýäniň akyldary».**

**Çuň mana beslenen setiri, baby,**
**Aňyýetiň, ruhyýetiň kitaby,**
**Ylahy hallaryň ýokdur hasaby,**
**«Magtymguly — dünýäniň akyldary».**

**Bu bir gollanma däl, ýöne kitap däl,**
**Parasatly teswir, gymmatly ykbal,**
**Diýmek, boş geçmändir üç ýüz ýyllyk sal,**
**«Magtymguly — dünýäniň akyldary».**

## BAHAR GÖZELLIGI

**Neneň dury asman ýüzi,**
**Atyr saçýar elwan güller.**
**Eräpdir daglaryň buzy,**
**Görke gelmiş depe-gollar.**

**Ak kepderler ganat kakýar,**
**Synlap gökden atyz-peli.**
**Jana gelýär ýuwaş-ýuwaş**
**Ýaz deminiň degen ýeri.**

**Geýip baglar ak ýektaýyn,**
**Ýylgyryp dur birenaýy.**
**Kalby ýyly bahar bilen**
**Tapýar ýaşaýyş dowamy.**

**Joşýan täsin duýgy bilen,**
**Duýgularyň beýgi bilen**
**Sermest serim göge göçýär,**
**Alawlaýan söýgi bilen.**

**Guşlar gülden-güle gonup,**
**Gözellikden bolmaz doýup.**
**Ýaz şemaly göwnüň açýar,**
**Ganat ýaýýaň laçyn bolup.**

**Gözellik — gözümiň ýagy,**
**Ýakymly Güneşiň çogy.**
**Umyt pynhan syryn açýar,**
**Çekip yşkdan derdi-dagy.**

**Osmanberdi GURBANGELDIÝEW,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy.**





KERWEN IGDIROW,
AKDEPE ETRABYNDAKY 74-nji ORTA MEKDEBIŇ MUGALLYMY.

## GÜLÜNI ÝOLMAŇ DARAGTYŇ!

**Gül bilen ömri ýagty,**
**Gülün ýolmaň daragtyň!**
**Goý, tapsyn şondan bagty,**
**Gülün ýolmaň daragtyň!**

**Baglar gülün dakynsa,**
**Haýran galar akyl-da,**
**Söýüň, sypaň bakyň-da,**
**Gülün ýolmaň daragtyň!**

**Ýaz paslynyň zehini,**
**Behişdimi, Zemini?**
**Bol miwäniň kepili,**
**Gülün ýolmaň daragtyň!**

**Aşygy bol durkunyň,**
**Gül ysynyň, görküniň.**
**Nesibidir, gör, kimiň,**
**Gülün ýolmaň daragtyň!**

**Biz bolsak biagyry,**
**Kime diýsin ahyny?!**
**Bagbany biz ahyry,**
**Gülün ýolmaň daragtyň!**

## DÜNÝÄDE

**Edeniň alnyňa geler,**
**Edebiň alnyňa geler,**
**«Gezekli çemçe» dünýäde.**
**Ýagşy gaçar ýamanlykdan,**
**Ýaşamaga amanlykda.**
**Şer ýagşydan sowlar, käte**
**Gedemiň alnyna geler.**

**Harsydünýä, terkidünýä,**
**Meňki dünýä, seňki dünýä,**
**Pikir öwür, şükür eýle.**
**Aý-Gün Zemine ýokardan**
**Ata-ene deý bakarlar.**
**Älemiň gurluşy şeýle,**
**Öz ornunda herki dünýä.**

**Aýlanyp dur pelek çarhy,**
**Aga-gara goýman parhy.**
**Ynsandan parhy ynsanyň**
**Ýaşaman bolşuna görä,**
**Ýaşamak borjuňa görä.**
**Eger harlasaň ynsabyň,**
**Meger, gymmat düşer nyrhy.**

## SEN

**Senden öňem boldy jady bakyşlar,**
**Söýmän ýaşajakdym saňa duşman-da.**
**Ynanmadym, ynanmadym, bagyşla,**
**Aşyklygny kalbym ilki buşlanda.**

**Saňa çenli boldy eden ähdim-de,**
**Hatda Süleýmanam ähdin syndyrmyş.**
**Seniň yhlasyňdan, seniň mähriňden,**
**Eşrete öwrüldi maňa kyn durmuş.**

**Gözlerimem, sözlerimem başgaça,**
**Kalba hem ykbala gireliň bäri.**
**«Ýazgyt» diýdim,**
**«Gaýyp» diýdim yşka-da,**
**Nikamyzy özi gyýdy sebäbi.**

**Ýaşap ýören hem ýaşajak ömrümde**
**Seniň ýylgyryşly keşbiňi görýän.**
**Sen ozaldan bar ekeniň köňlümde,**
**Men seni ýitirip-tapan deý göýä.**



# BIZIŇ ILKINJI DUŞUŞYGYMYZ

## (OÝLANMA)



AÝSENEM GURBANOWA,
MAGTYMGULY ADYNDAKY DIL, EDEBIÝAT WE MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTYNYŇ ASPIRANTY.

Şu günki ýaly ýadymda, bäbekhanada ýumruk ýalyjak didaryňa gözüm düşüp, ilki gezek gujagyma alanymda, Gün guşlukdan agypdy. Gür garaja saçlaryň aňyrsynda gizlenen gözleriň berk ýumulgy bolsa-da, jägildiň bäbekhananyň o diwaryndan-bu diwaryna ýaň salyp, ýene bir ogul bäbejigiň dünýä inendigini jar etdi. Ýagty jahana geleniňden bäri birahat jägildäp ýatyşyň sebäbini bilmän, ene ýüregim elendi.

— Lukman, açmyka? Hana, eňejigem titreýär. Ýa üşeýärmikä? Ellerini ýüzüne oýkaýar welin, dyrnajygy bir ýerini çyzaýdymyka? — diýip janykdym. Biziň ilkinji duşuşygymyzda berlen şu sowallar bilenem enelik dünýämiň sen hakyndaky ilkinji aladalary başlandy, oglum!

— Serederis, dynç al, güýç topla! — diýdiler-de, özüň ýaly ýalança ýaňy inen bäbekleriň ýanyna alyp gitdiler.

Men welin sensiz ýatybam bilmedim, güýçlenibem. Didaryňa suwsadym. Ýarygije bolsa-da, assa ýöräp, görmäge bardym. Köşeşipsiň oguşýa, naşyja barmajygyňy jokguldadyp, dünýä pitiwa etmän ýatyrsyň. Bagryma basmak niýeti bilen elime aldym, gursagymda başyňy goýdum. Senem meni duýan bolmaly. Gözleriňe çala çyzyk atan gabaklaryň çişiniň aňyrsyndan gytaklap ýiti-ýiti seretdiň. Didelerimiz ilkinji gezek biri-birine sataşdy. Ýüregimiň gürs-gürsi güýçlendi. Ol meniň bu ýagty jahanda ýaşaýanymyň hem ýaşamalydygymyň alamatydy.

Sen meni dünýä örklediň, enelik mähri bilen özüňe berklediň. Gursagyma dolan süýji sözler didelerimden şatlyk gözýaşy bolup syrykdy. Mundan dört-bäş aý ozal lukman: «Buşluk! Oglanjyga garaşýaňyz» diýeninde-de didelerim şeýle şatlyk gözýaşyna ezilipdi. Ynha, bu gün didarlaşdyk...

Oglum, Alla janyň eçilen nury, ömrümiň öýdümi, köňlümiň aýdymy, ýazgydymyň sowulmajak ýazy, hoş




geldiň, sapa geldiň! Özüň bilen barlygyma many, ynam hem bagt getirdiň. Gurbatlandym, ganatlandym, umytlandym. Sen ömrümiň iň uly yhlasysyň, ýaşaýşyň gymmaty siňen kämil eserim, hiç sönmejek yşky-heserim...

Sen — uly arzuwlarymyň kiçijek göwrä siňen wysaly. Goşa ýumrugym, durmuş deňzinde gaýygym hem küregim. Söýgüledim, sypaladym, öz ýanymda saýaladym. Şükür, şondan bäri aýrylmadyk. Bitewüligimizi böljek böwetler daş bolsun, ylaýym! Sensiz dogmasyn Gün-Aýym. Sende özümi gördüm, maksatlarymyň dowamyny duýdum. Bärden gaýdan menzillerimi sen aparmaly, elimiň ýetmedik şahalaryny sen goparmaly, oglum! Ýygraja zenany ýeňilmez ruhly enä öwren, inerim, seniň üçin güýçli boldum. Ruhumy ekezlediň, ýüregimi ekizlediň. Birini öz gursagyňda gizlediň.

Sen meniň üçin ýalançynyň ýeke-täk hakykaty, ömrümiň dowamaty. Nur siňen ýüzüňe gaýgy-gam kölege salmasyn. Ýazgydyň ýaman ýazgylary meniňki bolsun. Sen diňe ýagşysyndan paý al. «Diregim» diýip guwanan çynar boýlaryň saýasynda göreýin eneligiň eşretini. Ös, ulal, köküňi çuňluklara ýetir. Näçe gür miweli bolsa-da, boýny burulmaýan daragt bol. Ömrüň jennet bagyna beslensin, oglum! Goý, şol jennetiň joşy sen ulaldygyňsaýy meniň barha gojaljak ýaşlarymyň ýaşalmadyk ýazlary bolsun!



ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI
BAŞ REDAKTOR ARTYKGULY HOJABERDIÝEW

NESIL
E-mail: nesil-gazeti@sanly.tm

TELEFONLAR: JOGAPKÄR KÄTIP – 39-96-49. KABULHANA – 38-61-57, 38-61-86 (FAKS), BÖLÜMLER: 39-95-26, 39-96-35, 39-96-36, 39-96-37.
BIZIŇ SALGYMYZ: 744604, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, TÜRKMENBAŞYNYŇ ERKIN DÖREDIJILIK MEKANY. «Nesil» gazetiniň redaksiýasy. Belgisi 69454.
GAZETIŇ DÖREDILEN SENESI: 02.01.1992 ý. Gazet sişenbe hem şenbe günleri çykýar. Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär.
Nusgasy 12.000. A – 115931. Möçberi 4 sahypa. Bahasy 30 teňňe. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy.
Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Olaryň telefony – 39-95-36.
Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

4 833001 500059

